**HAZAR DEŇZINIŇ DEŇIZ GURŞAWYNY GORAMAK BOÝUNÇA ÇARÇUWALY KONWENSIÝASY BARADA**
**MAGLUMAT**

Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça çarçuwaly konwensiýa ýa-da Tähran konwensiýasy, bäş hazaryaka döwletleri tarapyndan (Azerbaýjan Respublikasy, Eýran Yslam Respublikasy, Gazagystan Respublikasy, Russiýa Federasiýasy we Türkmenistan) 2003-nji ýylda gol çekilen ilkinji kanuny taýdan hökmany sebit şertnamasydyr.

Konwensiýa Hazar deňziniň daşky gurşawyny goramak üçin umumy talaplary öz içine alýar we bu talaplary ýerine ýetirmekde zerur bolan institusional mehanizmleriň döredilmegini üpjün edýär.

Türkmenistanyň Mejlisi Tähran konwensiýasy 2004-njy ýylyň 19-njy awgustynda Hazarýaka döwletleriniň arasynda ilkinji bolup tassyklady.

Konwensiýa 2006-njy ýylyň 12-nji awgustynda güýje girdi. Şonuň bilen baglylykda, her ýylyň 12-nji awgustynda ähli Hazarýaka döwletlerinde, şol sanda Türkmenistanda Hazar deňziniň güni mynasybetli çäreler geçirilýär.

**KONWENSIÝANYŇ MAKSADY:**

Konwensiýasynyň maksady Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagynyň, onuň dürli çeşmelerden hapalanmagynyň öňüni almakdan, deňziň baýlyklaryny durnukly we rejeli peýdalanmakdan we onuň biologik baýlyklaryny goramakdan ybaratdyr.